# TÜRKMENIŇ NUSGALYK
# ALABAÝY

TURKMEN CLASSIC ALABAY / ОБРАЗЦОВЫЙ ТУРКМЕНСКИЙ АЛАБАЙ




№ 2
04/2021



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW:

– TÜRKMEN ALABAÝYNYŇ WEPALY, BATYR DURKY RUHY HEM-DE BEDEN SAGDYNLYGYNY BIZE NUSGA EDÝÄN GÖZELLIKDIR. TÜRKMEN ALABAÝYNYŇ IŇ KÄMIL KEŞBI HAKYDALARYMYZDADYR. ALABAÝYŇ WEPALYLYGY, BATYRLYGY AÝDYP-DIÝDIRILMEÝÄN TERBIÝE, GÖRÜM-GÖRELDE BILEN NESILDEN-NESLE GEÇÝÄN TÄLIMDIR. ALABAÝA SARPALY GARAÝYŞ WEPALYLYGA, BATYRLYGA SÖÝGINI TERBIÝELEMEKDIR.



*Gurbanguly*
***BERDIMUHAMEDOW***

# AK ŞÄHERIM AŞGABAT

***Aziýaň dür-merjeni,***
***Ak şäherim Aşgabat!***
***Dost-doganlyk merkezi,***
***Ak şäherim Aşgabat!***

***Köpetdagyň çeşmesi,***
***Garagumuň keşdesi,***
***Göýä ak gül dessesi,***
***Ak şäherim Aşgabat!***

***Aşgabat!***
***Illeriň messan-messan,***
***Aşgabat!***
***Gujagyň ýaşyl bossan,***
***Aşgabat!***
***Watanym Türkmenistan,***
***Ak şäherim Aşgabat!***

***Güýç aldym daglaryňdan,***
***Joş aldym baglaryňdan,***
***Çaglandym çaglaryňdan,***
***Ak şäherim Aşgabat!***

***Galkyp ganat gerdigim,***
***Sap söýgüden gurdugym,***
***Ýüregi sen ýurdumyň,***
***Ak şäherim Aşgabat!***






# Türkmenistanyň Prezidentiniň

# PERMANY

**Türkmen alabaýynyň baýramyny döretmek hakynda**

Türkmen alabaýynyň dünýädäki şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak we milli itşynaslygy ösdürmek hem-de kämilleşdirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Türkmen alabaýynyň baýramyny döretmeli.

2. Türkmen alabaýynyň baýramyny her ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde Türkmen bedewiniň milli baýramy bilen bilelikde bellemeli.

3. Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasy bilen bilelikde Türkmen alabaýynyň baýramynyň ýokary derejede guramaçylykly bellenip geçilmegini üpjün etmeli.

4. Ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri Türkmen alabaýynyň baýramynyň dabaraly ýagdaýda bellenip geçilmegine ýardam bermeli.

5. Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen bilelikde şu Permandan gelip çykýan üýtgetmeleri we goşmaçalary Türkmenistanyň kanunçylygyna girizmek baradaky teklipleri bir aý möhletde taýýarlamaly we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bermeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.**

Aşgabat şäheri, 2021-nji ýylyň 25-nji fewraly.

«TÜRKMENISTANYŇ AT GAZANAN ITŞYNASY»
DÖŞE DAKYLÝAN NYŞANY



«TÜRKMENISTANYŇ HALK ITŞYNASY»
DÖŞE DAKYLÝAN NYŞANY



«ÝYLYŇ TÜRKMEN EDERMEN ALABAÝY» MEDALY



# Toýlar toýa ulaşýar

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallasy, irginsiz zähmeti netijesinde ata Watanymyz ähli babatda ösüşlere beslenýär. Bedew bady bilen öňe barýan Watanymyzda halkymyz agzybir, parahat durmuşda ýaşaýar.

Pudaklarda sazlaşykly ösüş gazanylmagynda döredilýän ähli mümkinçilikler bilen bir hatarda türkmen halkynyň gadymdan gelýän, müňýyllyklardan gözbaşyny alyp gaýdýan we umumadamzat gymmatlyklaryna öwrülen mukaddesliklerimiziň has-da şöhratlandyrylmagynyň tutýan orny uludyr. Sebäbi olar sungatyň ýokary derejesine çykan ahalteke bedewleri, nepis halylary, şirinden-şeker gawunlary, şol sanda türkmen halkynyň özüniň wepaly dosty hasaplaýan alabaý itleri türkmen halkynyň taryhda gazanan üstünliklerinden habar bermek bilen bilelikde adamzat üçin şeýle gymmatlyklary kämil derejä ýetiren türkmen halkynyň beýikligini dünýä ýaýýar.

Gahryman Arkadagymyzyň baştutanlygynda biz şu günler şatlykly, buýsançly wakalaryň şaýady bolýarys. Ýagny, Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllyk baýramyny, Aşgabat şäheriniň 140 ýyllyk baýramyny, şeýle-de Halkara Bitaraplyk gününiň baýramyny giňden belleýäris.

Gahryman Arkadagymyzyň milli guwanjymyzyň biri bolan Türkmen alabaýynyň baýramyny itşynaslarymyzy sylaglamak bilen hormatly atlary dakmagy we «Ýylyň türkmen edermen alabaýy» medalyny döretmek barada çözgüt kabul etmegi ýurdumyzda giňden bellenilýän baýramlarymyzy has-da rowaçlandyrýar. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda ilkinji gezek belleniljek Türkmen alabaý itleriniň baýramyny Türkmen bedewiniň milli baýramy bilen bilelikde – her ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde bellemek barada, şeýle-de türkmen alabaý itlerini ösdürip ýetişdirmekde aýratyn iş bitirýän itşynaslarymyzy «Türkmenistanyň at gazanan itşynasy», «Türkmenistanyň halk itşynasy» diýen hormatly atlary dakmak we döşe dakylýan nyşan bilen sylaglamak, şeýle hem «Ýylyň türkmen edermen alabaýy» medalyny gowşurmak habary biziň buýsançly göwünlerimizi galkyndyrdy we türkmen alabaýlarynyň dünýädäki abraýyny ýene bir gez ýokary galdyrdy. Türkmeniň milli gymmatlyklaryny dünýä ýaýyp, türkmen halkyny dünýä tanatmakda alyp barýan ýadawsyz tagallalary üçin Gahryman Arkadagymyza çäksiz alkyşlarymyzy aýdýarys.

Hormatly Prezidentimize türkmen halkynyň wepaly dosty, milli buýsanjy bolan türkmen alabaý itleriniň baýramyny, itşynaslary sylaglamak barada hormatly ady, şeýle-de «Ýylyň türkmen edermen alabaýy» diýen medaly döredip berenligi üçin ähli itşynaslaryň adyndan tüýs ýürekden köp sag bolsun aýdýarys!

Hormatly Prezidentimize bu ajaýyp dünýä ähmiýetli işlerinde geljekde-de diňe üstünlikleriň ýaran bolmagyny arzuw edýäris!

Hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, döwletli işleri hemişe üstünliklere beslensin! Gahryman Arkadagymyzyň saýasynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda toýlar toýa ulaşsyn!

**Halkara «Türkmen alabaý itleri»**
**assosiasiýasy**



# HALKARA FORUM

## INTERNATIONAL FORM FINISHED SUCCESSFULLY

## УСПЕШНО ПРОШЕДШИЙ МЕЖДУНАРОДНЫЙ ФОРУМ

### HALKARA «TÜRKMEN ALABAÝ ITLERI» ASSOSIASIÝASYNYŇ ESASLANDYRYJY MEJLISI

### FOUNDING MEETING OF THE INTERNATIONAL ASSOCIATION TURKMEN ALABAY DOGS

### УЧРЕДИТЕЛЬНЫЙ МЕДЖЛИС МЕЖДУНАРОДНОЙ АССОЦИАЦИИ «ТУРКМЕНСКИЕ АЛАБАИ»

2020-nji ýylyň 31-nji awgustynda paýtagtymyzda ýerleşýän “Arçabil“ myhmanhanasynda wideoaragatnaşyk arkaly Halkara “Türkmen alabaý itleri“ assosiasiýasynyň esaslandyryjylarynyň mejlisi geçirildi. «Arçabil» myhmanhanasynyň maslahatlar zalynda geçirilen foruma daşary ýurtly hünärmenleriň – ýurdumyzyň käbir ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, ýurdumyzyň habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary hem-de esasy hünärmenleri, şeýle-de wideoaragatnaşyk ulgamy arkaly Ermenistandan, Belgiýadan, Belarusdan, Gruziýadan, Eýrandan, Hytaýdan, Russiýadan, Türkiýeden, Özbegistandan, Ukrainadan, Fransiýadan we beýleki ýurt-

On August 31, 2020, the founders of the International Association Turkmen Alabay dogs held a video conference in the capial’s hotel “Archabil”. The forum, which took place in the conference hall of the “Archabil” was attended by foreign experts-heads of the state Ministry and departments, public organizations, the country’s media and key experts, as well as delegates from Armenia, Belgium, Belarus, Georgia, Iran, China, Russia, Turkey, Uzbekistan, Ukraine, France and many other countries cynology federation, associations, clubs, scientific observatory members attended online video conference. Agenda of the

31 августа 2020 года учредители Международной ассоциации «Туркменские алабаи» провели видеоконференцию в столичном отеле «Арчабиль». В форуме, проходившем в конференц-зале гостиницы «Арчабиль», приняли участие зарубежные эксперты - руководители ключевых министерств и ведомств, общественных организаций, СМИ нашей страны, а также при помощи видеоконференцсвязи, представители кинологических федераций, ассоциаций, клубов, исследовательских центров из Беларуси, Германии, Бельгии, Китая, России, Турции, Узбекистана, Украины, Франции

lardan kinologiýa federasiýalarynyň, assosiasiýalarynyň, klublarynyň, ylmy-barlag merkezleriniň wekilleri gatnaşdylar. Mejlisiň gün tertibine «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasyny üýtgedip guramak we onuň binýadynda Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasyny döretmek bilen bagly meseleler girizildi. Hususan-da, bu assosiasiýanyň Tertipnamasynyň taslamasyna garaldy hem-de tassyklanyldy, onuň daşary ýurtly agzalary Ýerine ýetiriji komitetiň, gözegçilik-derňew toparynyň we ýolbaşçy düzüminiň agzalygyna saýlanyldy. Bulardan başga-da, assosiasiýanyň welaýatlar hem-de Aşgabat şäheri boýunça bölümleri döredildi we onuň başlyklary saýlanyldy. Foruma ýygnananlaryň belleýşi ýaly, milli gymmatlyklary gorap saklamak we dünýä ýaýmak hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň yzygiderli durmuşa geçirýän döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Türkmen alabaý itleriniň seçgi tohumçylygyny has-da gowulandyrmak hem-de baş sanyny artdyrmak bu ugurda geçirilýän giň gerimli işleriň möhüm ugruna öwrülendigini nygtadylar. Buýsanjymyz bolan türkmen alabaýlarynyň şan-şöhratyny dabaralandyrýan halkara assosiasiýanyň mejlisine daşary ýurtly gatnaşyjy hünärmenleriň çykyşlaryny okyjylara ýetirýäris:

– Itşynaslar bolup duşuşmak, özara tejribe alyşmak üçin mümkinçiligiň dörändigine buýsanjymyň çägi ýok. Özbegistan Respublikasynyň «Узбекский волкодав» it tohumlarynyň gorap saklanmagy boýunça jemgyýeti 2018-nji ýylda esaslandyryldy. Şol ýyldan bäri tohum itleri köpeltmek we olara ideg etmek boýunça itşynaslaryň arasynda uly işler alnyp barylýar. Ýörite kinolog-bilermenleriň toparynyň kömegi bilen biziň ýurdumyzda 50 töweregi arassa ganly alabaýyň bardygy anyklandy. Olar hakynda maglumatlary toplamak, alyşmak, tohum arassalygyny goramak biziň esasy maksatlarymyzdyr. Geljekde Halkara «Türkmen ala-

meeting was restructuring the Turkmen alabay dogs associations and establishment of the International Association Turkmen Alabay dogs. During meeting agenda of creating new associations considered and to its committee members elected from foreign members of the Executive Committee, the Supervisory Board and the Governing body. Beside that divisions of this association created in Ashgabat city and other regions their new directors appointed. As noted by the Participants of the forum, the protection and dissmenination of national values is one of the priorities of the state policy pursued by President Gurbanguly Berdimuhamedov on a regular basis. They stressed that further improvement and increase in the number of selective breeding of Turkmen alabay has become an important area of large-scale work in this area. We present to the readers the speeches of foreign experts at the meeting of the International Association celebrating the glory of the Turkmen alabay, which we are proud of:

– I am so excited that we can share our experiences and abilities as dog breeders. Society for the Protection of dog Breeds of the Republic of Uzbekistan is established in 2018. From that period a lot of efforts conducted by dog breeders to protect and increase the breed dogs. By special cytologists its deduced that in our country there are 50 pure blood alabay dogs exists. Protecting and increasing the alabay dogs pure breed and passing them to future generations is our main purpose. In the future our cooperation with International Association Turkmen Alabay dogs will help to leave the pure blood alabay dogs

и других стран. В повестку дня встречи Меджлиса вошли вопросы, связанные с реорганизацией Ассоциации «Туркменские алабаи» и созданием на ее базе Международной ассоциации «Туркменские алабаи». В частности, был рассмотрен и одобрен проект Устава этой ассоциации, а ее иностранные члены были избраны членами Исполнительного комитета, Наблюдательного совета и руководящего органа. Кроме того, созданы региональные и ашхабадские отделения ассоциации и избраны ее председатели. Как отметили участники форума, защита и распространение национальных ценностей является одним из приоритетов государственной политики, проводимой Президентом Гурбангулы Бердымухамедовым на постоянной основе. Они подчеркнули, что дальнейшее совершенствование и увеличение численности селекционного разведения туркменского алабая стало важной веткой масштабной работы в этом направлении. Представляем читателям выступления иностранных специалистов, участвовавших в заседании Международной ассоциации прославляющих туркменского алабая, которым мы гордимся.

– Я безгранично счастлив, что имею возможность встретиться в качестве специалиста на нашем собрании собаководов. Общества по разведению собак «Узбекский волкодав» создано в 2018 году. С того времени заводчиками была проделана большая работа по разведению и уходу за породистыми собаками. С помощью команды специальных кинологических объединений выяснилось,



baý itleri» assosiasiýasy bilen hyzmatdaşlygymyz türkmen alabaýlarynyň arassa tohumyny geljek nesillere ýetirmäge ýardam eder. Bize şular ýaly foruma gatnaşmaga, pikir alyşmaga döredip berýän giň mümkinçilikleri üçin Türkmenistanyň hormatly Prezidentine minnetdarlygymyzy bildirýäris.

**Akobir ŞUKUROW, Özbegistan Respublikasynyň «Узбекский волкодав» it tohumlarynyň gorap saklanmagy boýunça jemgyýetiniň ýolbaşçysy.**

– Türkmen halkynyň ussat seçgiçileriniň kemala getiren it tohumy – türkmen alabaýlary dünýä itşynaslygynda aýratyn orun eýeleýär. Şonuň üçin hem bu nusgalyk tohumy goramaga we ösdürmäge gönükdirilen Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň döredilmegi taryhy wakadyr. Men Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň tagallasy bilen bu guramanyň döredilmegi – ajaýyp hoş habar bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn. Alabaýlar ahalteke bedewleri bilen bir hatarda, Hytaýda hem oňat tanalýar we söýülýär. Şunuň bilen baglylykda, HHR-iň wekilleriniň Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň agzalygyna kabul edilendi-

to our next generations. We are very thankful to the Esteemed President of Turkmenistan for giving this opportunity to attend such meetings and exchange experiences.

**Akobir SHUKUROV, Director of Society for the Protection of dog Breeds of the Republic of Uzbekistan.**

– The breed of dogs formed by the skilled selectors of the Turkmen people – the Turkmen alabay have special place in world archeology. Turkmen alabay dogs plays vital role among world dog breeding. Because of that establishment of International Association Turkmen Alabay dogs to preserve and increase the breed of alabay dogs is important and historical event.

I am very proud that this association established with the efforts of Esteemed President of Turkmenistan. Alabay dogs are admired and well known in China, along with Ahalteke horses. I appreciate that delegates of Peoples Republic of China are accepted as member to the International Association Turkmen Alabay dogs. I would like to say

что в нашей стране насчитывается около 50 чистокровных алабаев. Наши основные цели – это сбор информации о них и ее распространение, а также поддержание генетики породы. В будущем наше сотрудничество с Международной ассоциацией «Туркменские алабаи» поможет передать чистую породу туркменского алабая будущим поколениям. Мы благодарим Многоуважаемого Президента Туркменистана за прекрасную возможность обменяться мнениями на таком форуме.

**Акобир Шукуров, глава общества по разведению собак «Узбекский волкодав» Республики Узбекистан:**

– Порода собак, сформированная умелыми селекционерами туркменского народа - туркменский алабай занимает особое место в мировом собаководстве. Поэтому создание Международной ассоциации «Туркменские алабаи», направленной на охрану и развитие этой модельной породы, является историческим событием. Сердечно поздравляю вас с созданием этой организации благодаря усилиям Многоуважаемого Президента Туркменистана. Наряду с ахалтекинскими скакунами алабаев хорошо знают и любят в Китае. В связи с этим хочу выразить искреннюю благодарность представителям Китайской Народной Республики за их вхождение в членство Международной ассоциации «Туркменские алабаи». В то же время хочу сказать, что мы готовы и в будущем активно участвовать в работе ассоциации и нести славу генетической породы туркменского алабая всему миру, развивать научные и культурные связи, укреплять дружбу и сотрудничество между

gi üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirýärin. Şunda birleşigiň işine geljekde işjeň gatnaşmaga we türkmen alabaýlarynyň tohumynyň şöhratyny dünýä ýaýmaga, ylmy hem-de medeni gatnaşyklary ösdürmäge, Hytaý bilen Türkmenistanyň arasyndaky dostlugy we hyzmatdaşlygy berkitmäge taýýardygymyzy aýdasym gelýär. Ýadyňyzda bolsa, Hytaýda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň çykyşlary haýran galdyryjy bolupdy. Geljekde türkmen alabaý itleriniň ýaryşlarynyň, sergileriniň guralmagy hem şeýle täsirli bolar diýip pikir edýärin hem-de türkmen itşynaslary bilen hyzmatdaşlykda bu çäreleri hem üstünlikli gurajakdygymyza ynanýaryn.

**Wang Ženşan,**
**Hytaý Halk Respublikasynyň**
**weterinar professory.**

that we are ready to take an active part in the work of the association in the future and introducing Turkmen alabay dogs to world. And strengthen the cultural, scientific and friendly relationship between China and Turkmenistan. If you remember the performances of the group of the national equestrian games "Galkynysh" in China were amazing. I am very confident that in the future there will be competitions and exhibitions to introduce the alabay dogs to the world and we will cooperate with Turkmen alabay dog breeders.

**Wang Zhenshan,**
**Veterinarian professor of**
**People's Republic of China.**

Китаем и Туркменистаном. Если вы помните, в Китае выступление национальной сборной «Галкыныш» по конному спорту было потрясающим. Думаю, что организация соревнований среди туркменских алабаев в будущем будет очень эффективной, и уверен, что мы успешно организуем эти мероприятия в сотрудничестве с туркменскими собаководами.

**Ванг Женшан,**
**Профессор-ветеринар**
**Китайской Народной Республики**



# Wepaly (Rowaýat)

# VEPALY (Legend)

# ВЕПАЛЫ (Легенда)

Gadym zamanlarda gum içindäki obalaryň birinde ömrüni goýun yzynda geçiren çopan bar eken. Çagalykdan çopançylyga baş goşansoň, onuň hakyky ady ýatdan çykyp, ýaşuly-ýaşkiçi hemmeler oňa "Çopan aga" diýip ýüzlenipdirler. Sürini ýeke özi bakýanam bolsa, ol obada ýygy-ýygydan görner eken. Obadaşlarynyň ýasyna, toýuna gatnaşypdyr, ýöne uzak eglenmän, duýdansyz gelşi ýaly, duýdansyz hem sürüsiniň ýanyna gidipdir.

Günleriň birinde obada uly toý tutulypdyr. Bagşynyň ýakynynda dünýäni unudyp aýdym diňläp oturan çopana gözi düşen degimsiziň biri ara böwşeňlik düşen badyna:

– Çopan aga, "Çopana meýlis haram" diýýäler welin, obanyň bir ýerinde tüsse çyksa, ilki sen tapylaýýaň. Süriňi kime ynanyp gaýdýaň? Ýa mal bakýan diýip, bizi aldap ýörmüň? – diýip, ýoknasyzyny diýip goýberipdir.

Ses gelen tarapa agraslyk bilen sereden çopan:

– Men ilki-hä, käbirleri ýaly "Bu gün nireden garnymy doýrarkam?" diýip ýörenlerden däl. Ikinjidenem, meniň toýumy sowjak, ýasymy geçirjek, kyn günümde dogan ornunda durup biljek adamlar şu oturanlar. Sürini bolsa dostuma tabşyryp gaýtdym – diýipdir. Ýaňky adam ýene-de:

In ancient times, a shepherd lived in one of the steppe settlements, who spent his entire life herding sheep. He was a shepherd since childhood, so everyone forgot his real name, and everyone, old and young, called him "Çopan" (shepherd) aga. Despite the fact that he was herding sheep alone, he often came to the village. He was present at the wakes and feasts of his fellow villagers, but did not stay long, as suddenly appeared, so suddenly and went to the herd.

Once there was a big holiday. One of the guests, noticing the shepherd, who forgot about everything in the world, listened to the ravishing songs of bagshy, sarcastically asked:

– Shepherd aga, they say: "Feast is bad for shepherd," but wherever the village heats the cauldron, you came first. Who are you leaving the herd to? Or are you lying, telling all of us that you are herding sheep?

The shepherd turned sternly at the voice:

– First of all, I'm not like some people who just think: "Where can I fill my stomach today?" Secondly, these are all people who will share with me both joy and sorrow, and help me in difficult times. And I left it to a friend of mine to look after the herd.

The man said sarcastically again:

В древности в одном из степных поселений жил пастух, который всю свою жизнь пас овец. Он был пастухом с детства, поэтому все забыли его настоящее имя, и все, и стар и млад называли его «Пастух ага». Несмотря на то, что он пас овец в одиночку, он часто приходил в село. Он приходил на поминки, и празднества своих односельчан, но не долго задерживался, как внезапно появлялся, так внезапно и уходил к отаре.

Однажды был большой праздник. Один из гостей, заметив пастуха, который забыв обо всем на свете, слушал упоительные песни бахши, язвительно спросил:

– Пастух ага, говорят: «Скверность – пир для пастуха», но где бы в селе ни подогревался казан первым прибегаешь ты. На кого ты оставляешь отару? Или лукавишь, говоря всем нам, что пасешь овец?

Пастух строго обернулся на голос:

– Прежде всего, я не такой как некоторые, которые только и думают: "Где мне сегодня набить своё брюхо?". Во-вторых, эти люди, которые разделяют со мной и радость и горе, помогут мне в трудную минуту. А присмотреть за отарый я поручил своему другу.

Мужчина снова язвительно сказал:

--Bu zamanlarda bir süri goýny ynanar ýaly dostuň bolup biljekdigine men-ä ynanamok. Şol dostuň kimkä? Bizem bilip goýaýsak... – diýipdir. Çopan:

– Ol meniň türkmen alabaý itim. Adyna-da Wepaly diýýäler, adyna mynasypdyr. Ynanmasaň, barlap göräý – diýen dessine hälki adam böküp ýerinden turupdyr we itiň gözüne çöp atyp, çopanyň sürüsinden bir goýny getirmegi wadalaşyp, toýdan çykyp gaýdypdyr. Öýüne gelipdir-de, itiň öňüne oklap, hile gurmak üçin bir bölek et alypdyr. Öz janyny goramak üçin düýesini münüp, ýüzüni garaňka tutup, ýola rowana bolupdyr.

Bagşy diňläp hezili bolmadyk çopan hem "süriňden bir goýun getirerin" diýeniň janyndan howatyrlanyp, öýüne gelägede, eşegine münüp, goşa tarap gyssagly eňipdir.

– I don't believe you can have a friend at a time like this who can be trusted with a whole flock of sheep. Tell me, who is this friend?

The shepherd replied:

– This is my dog alabay. His name is Vepaly (Faithful), and he is worthy of his name. If you don't believe me, you can check it out.

The man jumped up, and with the idea of annoying the dog and promising to take the sheep out of the herd left the holiday. He came home and took a piece of meat to throw to the dog and do his black deed. To protect himself, he mounted a camel and set off.

The shepherd, who was in a bad mood and was not allowed to listen to bagshy, fearing for the life of the promised "to take the sheep out of the flock", also left the holiday, sad-

– Я не верю, что в такое время у вас может быть друг, которому можно доверить целую отару овец. Скажи-ка, кто этот друг?

Пастух ответил:

– Это мой пёс алабай. А зовут его Вепалы (Верный), и он достоин своего имени. Если не веришь, можешь проверить.

Мужчина вскочил, и с мыслью досадить собаке и пообещав увести из отары овцу, ушел с праздника. Он пришел домой, взял кусок мяса, чтобы бросить его собаке и провернуть свое черное дело. Чтобы хоть как-то обезопаситься он сел на верблюда и отправился в путь.

Пастух, которому испортили настроение и не дали послушать бахши, опасаясь за жизнь пообещавшего "увести из отары овцу"



Atlyny atyndan agdarmagy, düýelini düýesinden ýykmagy başarýan Wepaly sürä ýakynlaşyp gelýän howpy aňan badyna, düýäniň gelýän tarapyna ok bolup atylýar. Düýäniň üstünde oturanyň huşy başyndan uçup, janyndan umydyny üzen wagty çopan ýetişip gelipdir. Eýesiniň uzakdan: “Wepaly! Ýat!” diýen buýrugyny eşiden türkmen alabaý iti düýä topulmasyny bes edipdir.

Aýtmaklaryna görä, il içinde masgara bolanyna puşman eden kişi köpçülikde çopanyň gözüne görünmekden çekinip gezipdir. Türkmeniň alabaý iti bolan Wepalynyň bolsa tarypy dillerden düşmändir.

**A. Abdyllaýew, Kerki etrabynyň 31-nji orta mekdebiniň mugallymy.**

dled his donkey and hurried to the camp.

As soon as Vepaly, who is capable of knocking a man off a horse or a camel, noticed the danger approaching the herd, he darted in the direction of the camel. The man on the camel almost fainted from fear for his life when the shepherd arrived. Alabay from afar hearing the owner’s voice: “Down! Vepaly!”, and ceased to throw on the camel.

They say that the man, regretting what he had done, then shyly avoided meeting the shepherd. And the story with the Turkmen alabay Vepaly, passed from mouth to mouth.

**A. Abdullayev, teacher of secondary school No. 31 Kerki etrap.**

тоже ушел с праздника и оседлав своего осла, поспешил к кошару.

Как только Вепалы, умевший свалить человека с лошади или с верблюда, заприметил опасность приближающуюся к отаре, стрелой бросился в сторону верблюда. Сидящий на верблюде почти потерял сознание со страха когда подоспел пастух. Алабай издалека услышав голос хозяина: “Лежать! Вепалы!”, перестал бросаться на верблюда.

Говорят, тот человек, сожалея о содеяном, после этого стыдясь избегал встречи с пастухом. А история с туркменским алабаем Вепалы, переходила из уст в уста.

**А. Абдуллаев, учитель средней школы №31 этрапа Керки.**



# MILLI MIRASY ÖSDÜRMEK BOÝUNÇA HALKARA HYZMATDAŞLYGYNYŇ ÖSÜŞI

## DEVELOPMENT OF INTERNATIONAL COOPERATION IN THE FIELD OF POPULARIZATION OF THE NATIONAL HERITAGE

## РАЗВИТИЕ МЕЖДУНАРОДНОГО СОТРУДНИЧЕСТВА В ОБЛАСТИ ПОПУЛЯРИЗАЦИИ НАЦИОНАЛЬНОГО НАСЛЕДИЯ



Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan yzygiderli durmuşa geçirilýän Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryndan biri dünýäde türkmen halkynyň taryhy-medeni milli mirasyny gorap saklamak we ýaýratmakdyr. Bu ugurda alnyp barylýan giň gerimli işleriň möhümleriniň biri täsin tohum bolan Türkmen alabaýynyň sanyny köpeltmekdir.

2020-nji ýylyň maý aýynda "Türkmen alabaý itleri" assosiasiýasy döredildi, onuň esasy maksady bolsa milli seçip alyş usullaryny we iň gymmatly häsiýetleri gowulandyrmak üçin häzirki zaman ylmynyň gazananlaryny ulanyp, alabaýlaryň sanyny artdyrmak boýunça milli mekdebiň iň gowy däplerini dowam etdirmekdir. Türkmen alabaýlary beýleki köp tohumlardan tapawutlanýarlar.

2020-nji ýylyň 31-nji awgustynda Halkara "Türkmen alabaý itleri" assosiasiýasynyň esaslandyryjylarynyň ýygnagy Aşgabatda onlaýn ýagdaýda geçirildi, men oňa Gruziýanyň Kinologiýa federasiýasynyň adyndan gatnaşdym. Bu çärä gatnaşmak we Halkara assosiasiýasynyň döredilmegi bilen gutlamak üçin berlen pursat üçin ýene-de bir gezek sag bolsun aýdasym gelýär.

Gün tertibine «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasyny üýtgedip gurmak we onuň binýadynda Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasyny döretmek meselesi girdi. Şeýle hem çäräniň çäginde Halkara assosiasiýasynyň Tertip-

namasynyň taslamasyna garaldy we tassyklandy, daşary ýurtly agzalary, ýerine ýetiriji komitetiň, gözegçilik we gözegçilik derňew toparynyň agzalary saýlandy.

2020-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň we Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň işi barada halkara brifing guraldy.

Bu brifing diňe bir atçylyk we kinologiýa dünýäsiniň hünärmenlerini we söýüjilerini däl, eýsem, medeni gymmatlyklaryň halklary birleşdirýändigine göz ýetirýän halkara jemgyýetçiligini birleşdirýän bu möhüm gurluşlaryň işiniň esasy ugurlaryny gözden geçirmäge mümkinçilik berdi.

Alabaýlaryň türkmen halkynyň durmuşynda möhüm orny eýeleýändigini we Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň iň baý medeni mirasyň bir bölegi hökmünde alabaýlary ösdürip ýetişdirmegiň milli däp-dessurlaryny gorap saklamaga hem-de ösdürmäge nähili üns berýändigini bilýäris. Hormatly Prezidentimiziň dünýäde giňden ýaýran bu gadymy tohumyň gelip çykyşy baradaky köp ýyllyk

One of the priorities of the state policy of Turkmenistan, consistently implemented by President Gurbanguly Berdimuhamedov, is the preservation and popularization of the historical and cultural national heritage in the world. An important aspect of the large-scale work carried out in this area is the development of the selection of Turkmen alabay and an increase in the number of this unique breed.

On May 2020, the International Association Turkmen Alabay dogs was established, the main goal of which is to continue the best traditions of the national school of dog breeding, using methods of folk selection and modern scientific achievements to improve the most valuable qualities that distinguish Turkmen Alabay from many other breeds of dogs.

On August 31, 2020, in Ashgabat, the constituent meeting of the International Association Turkmen Alabay dogs was held online in Ashgabat, in which I took part on behalf of the Cynological Federation of Georgia. I would like to thank again for the opportunity given to me to



Одним из приоритетов государственной политики Туркменистана, последовательно претворяемой в жизнь Президентом Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедовым, является сохранение и популяризация в мире историко-культурного национального наследия. Важным аспектом проводимой в данной области масштабной работы стало развитие селекции туркменских алабаев, увеличение численности этой уникальной породы.

В мае 2020 года была создана Международная ассоциация «Туркменские алабаи», основная цель которой заключается в преемственности лучших традиций национальной школы собаководства, используя методы народной селекции и современные научные достижения совершенствовать ценнейшие качества, отличающие туркменских алабаев от собак множества других пород.

31 августа 2020 года в Ашхабаде в режиме онлайн состоялось учредительное заседание Международной ассоциации «Туркменские алабаи», в котором я принял участие от имени Кинологической федерация Грузии. Хочу еще раз поблагодарить за предоставленную мне возможность принять участие в данном мероприятии и поздравить Туркменистан с учреждением ассоциации.

На повестку были вынесены вопросы реорганизации Ассоциации «Туркменские алабаи», и создания на её базе Международной ассоциации «Туркменские алабаи». Также в рамках мероприятия был рассмотрен и утверждён проект Устава данной Ассоциации, избраны её зарубежные члены, а также члены Исполнительного комитета, контрольно-ревизионной комиссии и руководящий состав.



gözlegleri, oýlanmalary, taryhy we edebi maglumatlary jemleýän "Türkmen alabaýy" kitaby, alabaýyň türkmen halkynyň durmuşynda we ykbalynda möhüm orny eýeleýänligi barada gürrüň berilýär.

Kitapda aýdylyşy ýaly «Alabaý milli buýsanjymyzdyr. Alabaý Watanymyzyň baýlygydyr. Bu ata-babalarymyz tarapyndan döredilen milli baýlykdyr. Ony gorap saklamak we geljekki nesillerimize bermek biziň borjumyzdyr».

Alabaý we at türkmenlerde iň gowy sowgat hasaplanýar. Olar puldan we beýleki zatlardan has gymmatlydyr. Aýratyn ýagdaýlarda bolsa çuňňur hormatyň we dostlukly gatnaşyklaryň nyşany hasaplanýar.

Türkmenler ahalteke atlaryna, alabaý itlerine, düýelere ideg etmekde özboluşly aýratynlyklara eýedir. Bu aýratynlyklaryň kömegi bilen, bütin dünýäde meňzeş bolmadyk milli gymmatlyklar döredildi.

take part in this event and to congratulate Turkmenistan on the establishment of the association.

The agenda included issues of reorganization of the "Association of Turkmen Alabay", and the creation on its basis of the International Association Turkmen Alabay dogs. Also, within the framework of the event, the draft Charter of this Association was discussed and approved, its foreign members were elected, as well as members of the Executive Committee, the Control and Auditing Commission and the management team.

On October 16, 2020, an international briefing was organized on the activities of the International Ahalteke Horses Association and the International Association Turkmen Alabay dogs.

This briefing provided an opportunity to consider the key areas of work of these important struc-

16 октября 2020 года был организован международный брифинг, посвященный деятельности Международной ассоциации ахалтекинского коневодства и Международной ассоциации «Туркменские алабаи».

Данный брифинг дал возможность рассмотреть ключевые направления работы этих важных структур, объединяющих не только специалистов и любителей мира коневодства и кинологии, но и международную общественность, которая удостоверилась в том, что культурные ценности сплачивают народы мира и укрепляют гуманитарный диалог между странами.

Нам известно какое значимое место занимают алабаи в жизни туркменского народа и какое огромное внимание уделяет Президент Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов сохранению национальных традиций собаководства как части богатейшего культурного наследия, сохранению и приумножению легендарной породы туркменский алабай, её популяризации в мире. О значимой роли алабаев в жизни и судьбе туркменского народа рассказывает книга Президента «Туркменский алабай», в которой обобщены многолетние исследования, размышления, исторические и литературные сведения о происхождении этой древнейшей породы, получившей широкое распространение в мире.

Как говорится в книге Президента Туркменистана: «Туркменский алабай»: «Алабай - наша национальная гордость. Алабай - богатство Родины. Это национальное богатство, созданное нашими предками. Наш долг - сохранить и передать его нашим будущим поколениям.



Turkmen classic alabay // Образцовый туркменский алабай

tures, which unite not only specialists and lovers of the world of horse breeding and cynology, but also the international community, which made sure that cultural values unite the peoples of the world and strengthen humanitarian dialogue between countries.

We know what a significant place the Alabai occupies in the life of the Turkmen people and what great attention President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov pays to the preservation of national traditions of dog breeding as part of the rich cultural heritage, the preservation and enhancement of the legendary Turkmen alabay breed, its popularization in the world. The President's book "Turkmen alabay", which summarizes many years of research, reflections, historical and literary information about the origin of this ancient breed, which has become widespread in the world, tells about the significant role of the Alabay in the life and fate of the Turkmen people.

As stated in the book of the President of Turkmenistan "Alabay dog is our national pride. Alabay is an integral part of the life of Motherland. It is a national treasure created by our ancestors. It is our duty to preserve it and hand it down to our future generations.

In Turkmenistan a dog and a horse considered to be the best gifts. They are appreciated more than money and other things. In some cases, they are considered to be a symbol of great respect and friendly relations.

Turkmen people have distinctive peculiarities of taking care Ahalteke horses, alabays, camels and other thoroughbred animals. And thanks to this pecularities, our national values having no analogues in the world have been created.

I am pleased to note that the Alabay breed is very popular in Georgia and, along with the Caucasian Shepherd Dog, is one of the most pop-

Алабай и конь в Туркменистане считаются лучшим подарком. Они ценятся дороже денег и всего остального. А в особых случаях они считаются символом глубокого уважения и дружественных отношений.

У туркмен есть отличительные особенности в уходе за ахалтекинскими скакунами, алабаями, верблюдами и другими чистопородными животными. Благодаря этим особенностям созданы наши национальные ценности, не имеющие аналогов во всем мире».

Мне приятно отметить, что в Грузии порода алабай пользуется большой любовью и наряду с кавказской овчаркой является одной из самых популярных служебных и рабочих пород. Я надеюсь с помощью созданной Ассоциации в Грузии появится возможность разведения чистокровных алабаев, мы сможем активно сотрудничать с туркменскими коллегами, туркменские кинологи и заводчи-



Alabaý tohumynyň Gruziýa döwletinde örän bellidigini we kawkazly çopanyň itleri bilen birlikde meşhurdygyny bellemek maňa uly hormatdyr. Gruziýa döwletinde hem döredilen assosiasiýanyň kömegi bilen arassa tohumly alabaýlary ösdürip ýetişdirmek üçin mümkinçilik bolar diýip umyt edýärin, bu ugurda türkmen kärdeşlerimiz, türkmen alabaýyny ösdürip ýetişdirýänler, seleksionerler we Assosiasiya bilen ýakyn hyzmatdaşlyk edip bileris diýip umyt edýärin. Halkara sergilere, sergi-ýarmarkalara ýöriteleşdirilen forumlara gatnaşmak we assosiasiýanyň agzasy bolmak mümkinçiliginiň berlendigine begenýärin we has netijeli hyzmatdaşlygymyza sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn. Halkara assosiasiýasynyň alyp barýan işleriniň bu täsin tohumyň bütin dünýäde ýaýramagyna goşant goşjakdygyna çuňňur ynanýaryn.

**Gruziýa Respublikasynyň Kinologiýa Federasiýasynyň baş sekretary Zaza Omarow.**

ular service and working breeds. I hope with the help of the created Association in Georgia there will be an opportunity to breed purebred Alabay, we will be able to actively cooperate with our Turkmen colleagues and Turkmen dog handlers and breeders will be able to participate, representing the Association and Turkmenistan in international shows, exhibitions-fairs, specialized forums, shows, competitions. I am glad to have been given the opportunity to become a member of the association and look forward to our further fruitful cooperation. I am deeply convinced that the activities of the International Association Turkmen Alabay dogs will contribute to the further spread of this unique breed throughout the world.

**Zaza Omarov, General Secretary of the Cynological Federation of Georgia.**

ки смогут участвовать, представляя Ассоциацию и Туркменистан в международных смотрах, выставках-ярмарках, специализированных форумах, смотрах, соревнованиях. Я рад предоставленной мне возможности стать членом ассоциации и надеюсь на наше дальнейшее плодотворное сотрудничество. Глубоко убежден, что деятельность Международной ассоциации «Туркменские алабаи» будет способствовать дальнейшему распространению этой уникальной породы по всему миру.

**Заза Омаров Генеральный Секретарь Кинологической Федерации Грузии.**

# USSADYŇ IŞINDE ALABAÝYŇ KEŞBI



Şaýat bolşuňyz ýaly, türkmen alabaýy halkymyzyň milli gymmatlygy hökmünde sungatyň ähli görnüşinde öz beýanyny tapýar. Munuň aýdyň mysalyny bolsa heýkeltaraşlyk sungatynda göräýmeli. Türkmen alabaýynyň keşbi siňen heýkeller ýurdumyzyň belli-belli ýerleriniň bezegine öwrülip, halkymyzyň ruhy şatlygyny goşalandyrýar. Bu göreldeli işde özüniň çuň zehini, çyn zähmeti bilen gadyr tapan, Türkmenistanyň halk suratkeşi Saragt Babaýewiň adyny nygtap geçmek ýerlikli bolsa gerek. Ýöne biz aýny wagtynda öz işiniň ussady Saragt aganyň adyny diňe belläp geçmek bilen çäklenmän, eýsem, onuň bilen söhbetdeş bolmagy-da göwnemakul hasapladyk.

Saragt Babaýewiň dürli şahsyýetleriň, hadysalaryň, gymmatlyklaryň... keşpleri siňen ululy-kiçili heýkellerden ybarat ussahanasyna barmazdan öňinçä, onuň türkmen alabaýlaryna bagyş eden birnäçe işlerine syn etdik. Olarda nähilidir bir näadatylyk bar. Olaryň hikmeti, megerem, ussadyň ýatlamalarynda saklanandyr...

Şeýle pikirlere güýmenip, bärden barsak, biziň maksadymyzy aňan ýaly, Saragt aga iş üstünde, aýratynam türkmen alabaýlaryna bagyşlanýan täze işiň üstünde gümra eken. Tüýs bagty gelen bolduk.

Uzak hal-ahwal soraşmadan soň, söhbetdeşlige başladyk. Bu söhbetdeşligi ýazmakdan baş maksadymyzyň türkmen alabaýlarynyň keşbi siňen heýkeller hakyndadygyny aňan ussat gürrüňi şondan başlady.

«Hawa, alabaýlar hakynda gürrüň edilmeli bolsa, meniň-ä, ilkinji nobatda, çagalygym, obam, çopan durmuşy ýadyma düşýär. Çopan durmuşynyňam aýrybaşga lezzeti bar. Muňa men daş-

gulakdan eşiden gürrüňlerime görä däl, ýetginjekkäm çopana çoluk bolup iki ýyl ýaly çölde bolamsoň, özüm gözli şaýat. Ýadymda, käwagt goşda ýeke özüm galmaly bolýardym. Ana, şol günlerde meniň hemram, çyn ýoldaşym türkmen alabaýy boldy. Aýsyz gijeleriň tüm garaňkysynda maňa hemra bolan alabaýyň şol döwürlerde kalbyma salan dostana mähri maňa indi-indi döredijiligimde täzeçillik hökmünde ýardamçy bolýar».



Bu gürrüňleriň hakykata näderejede ýakynlygyny bilmek üçin halypanyň türkmen alabaýlaryna bagyşlan eserlerine syn etmek ýeterlik. Hakykatdanam, Saragt aganyň türkmen alabaýlaryna bagyşlap döreden eserleriniň hemmesinde dostanalyk äheňindäki birmeňzeş, şol bir wagtyň özünde-de aýrybaşga bölekler bar. Munuň sebäbini soranymyzda, halypa özüniň iş ussatlygyndan gözbaş alyp, alabaýlaryň keşbini döretmekde nämelere üns bermelidigi hakyndaky gürrüňlere başlady.

«Islendik bir eseri döretmekçi bolanymda, men şol eseriň gahrymanynyň esasy alamatyny göz öňüme getirmekçi bolýaryn. Bu iş meniň üçin esasy. Çünki islendik bir zadyň esasy, özeni, düýbi bolýar. Türkmen alabaýlaryna bagyşlanan eserlerimde, üns beren bolsaňyz, olaryň hemmesinde esasy aýratynlyk: başy, gulagy, guýrugy».

